# Otuz ýediň gara gijelerinde

Category: Kitapcy
написано kitapcy | 24 января, 2025
Otuz ýediň gara gijelerinde OTUZ ÝEDIÑ GARA GIJELERINDE

*Enem Nowbaharyň ýagty ýadygärligine bagyşlaýaryn.*

Ömür obasyndan çykyp görmedik,
Galdy babam kyrk ýaşynda Sibirde.
“Iňlise gol ýapdy” diýilen atam,
Ömrüni ötürdi agyr jebirde.

Irden gülen gözler neçün aglap dur,
Bagry girýan ene ýürek daglap dur,
Çynar ýigitleriň başy eglipdir,
Otuz ýediň gara gijelerinde.

Owurtlanan çaýly käseler ýatyr,
Ganylmadyk mähir, posalar ýatyr,
Ömür galmaz bolan hassalar ýatyr,
Otuz ýediň gara gijelerinde.

Ýersiz ýere kemsidilme, urma bar,
Gaýdyp indi ne öýünli görme bar,
Orta asyrlardan galan türme bar,
Otuz ýediň gara gijelerinde.

Bir burça gysylyp Gaýgysyz otyr,
Ýenjilen Nedirbaý Aýtakow ýatyr,
Takdyryň niçik bar? Belli däl ertir,
Otuz ýediň gara gijelerinde.

Göze ilmez ertir göreniň agşam,
Bir mizana mündi, ýamanam,ýagşam,
“Halk duşmany” boldy gojasam, ýaşam,
Otuz ýediň gara gijelerinde.

Yzy üzülenok sessiz aglaň,

Bir ýerde ýas, bir ýerlerde şagalaň,
Şindem eşidilýär sesi şagallaň,
Otuz ýediň gara gijelerinde…